**Halkymyzyň köňül buýsanjy bolan ahalteke bedewleri asyrlar aşyp gelen milli gymmatlygymyzdyr. Parasatly pederlerimiz «At — myrat» diýen pähimi ýörelge edinip, öz arzuw-hyýallaryny we beýik maksatlaryny ýelden ýüwrük atlarymyz bilen baglanyşdyrypdyrlar. Häzirki döwürde bedewlerimiz dabaraly toýlarymyzyň esasy bezegi bolmak bilen birlikde, ýurdumyzyň ösüşleriniň okgunlylygyny hem alamatlandyrýar. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde türkmen atşynaslyk sungaty täze belentliklere göterilýär.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe atçylyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Ýurdumyzda ussat seýisleriň we atşynaslaryň çekýän asylly zähmetine uly sarpa goýulýar. Sebäbi olar bedewleriň arassa ganlylygyny saklamakda we nesilden-nesle geçirmekde möhüm orun tutýarlar. Halkara derejesinde alnyp barylýan ylmy-barlag we seçgiçilik işleri, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy türkmen atşynaslygynyň dünýäde öňdäki orunlary eýelemegini üpjün edýär. Milli Liderimiziň hem-de döwlet Baştutanymyzyň bu ugurdaky başlangyçlary milli atçylyk sportunyň we at üstündäki milli oýunlaryň bütin dünýäde dabaralanmagyna uly itergi berýär.

Türkmen bedewiniň şan-şöhraty bu gün Ýer ýüzüni haýran galdyrýar. Şunda ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi milli hem-de dünýä medeniýetiniň gymmatlygy hasaplanýan ahalteke bedewleriniň at-abraýynyň has-da belende göterilýändigini, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýandygyny mälim edýär.

Goý, milli atçylyk sungatyny ösdürmäge, onuň halkara abraýyny artdyrmaga ägirt uly goşant goşýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Gandym WELLEKOW,**
**Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Halaç etrap komitetiniň esasy hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 14.06.2026